# Salam aýdyň enem jana…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Salam aýdyň enem jana… Salamyňy enem jana ýetirdim,
Salamyňy ýene käne ýetirdim.
Ýöne soňky gelen ajy habary
Ýetirmedim, gaýta özüm ýitirdim.

Bagyşlarsyň, çaga dünýäm gussady,
Dilimem ysmady, bognum ysmady,
Öňem ýüreginde dag galan enä
Aýdaýmaga beýle agyr kysmaty.

Haty ýyrtdym köýdürilen ar ýaly,
Aldadym enemi, seni sorany.
Käte-käte öz-özümem aldadym
Göýä bu jahanda sesiň bar ýaly.

Ne bir özüň tapdym, ne habar tapdym,
Gözledim dünýäni sil bolup akdym.
Bu gün hakykaty diýsem eneme
Ynananok:» Heý, diliňden al kaksyn!»

Aýtmasam, ömürboýy günäli,
Aýtsamam, ynandyrmaz enäni.
…Uruş! Neneň dözdüň çaga egnime
Otdan elhenç, dagdan agyr günäni. Goşgular